Ak Welsapar

# TABYDA GIREN ADAM

*Hekaýa*

Şady Hudaýguly giden bir ülkäni «sorap» oturan abraýly neşirýatyň redaktory. Ol kiçi-girim adam däl. Onuň edarasy abraýly bolsa, ol hem abraýly bolaýmaly. Diýmek, ol hem öz ugrundan giden bir ülkäni «sorap» otyr diýseňem boljak. Munuň hut şeýledigi käte Şady Hudaýgulynyň öz ýadyna-da düşýär, diňe bir düşmekmi, ol muny gije-gündiziň dowamynda asyl ýadyndan çykaraýsa nädersiň! Birçak buýsanç duýgusyna öwrülen bu düşünjäniň ýadyndan çykmagy Şady Hudaýgulyny iş-aladanyň, jogapkärçiligiň diňe aşa basmarlandygynyň alamaty bolup biler.

Jogapkärçilik hakynda gürrüň açylsa, onda bu edarada Şady Hudaýgulydan öňe düşjek ýok. Bu onuň diňe ýaşynyň bir çene baranlygyndan, kärdeşleriniň köpüsine «aleýk» diýýänliginden-de däl, edarada garry töňňe ondan başga-da ýek-tük bar. Munuň sebäbi düýbünden başga: Şady Hudaýguly işine jür. Redaktor hökmünde kitaby uşakgöz elekden geçirmekde neşirýatda onuň öňüne geçjek ýok. Ol golýazmany birnäçe gezek okaman, başdan-aýak telim öwre barlaman, ähli faktlaryň änigine-şänigine ýetmän, hiç haçan oňa gol çekmez. Bu meselede neşirýatyň başlyklary hem oňa boýun. Şol sebäpden, geljekki kitaplaryň tekstinde jedelli bir sorag ýüze çyksa, başlyklar tejribesiz işgärlere bir agyz: «Şadynyň ýanyna bar – diýýärler. – Bar, Şadynyň ýanyna, ýüzüniň ugruna çöp döwlen ýaly eder!»

Neşirýat bolansoň, jedelem näme, tursa, köplenç bir sözüň, sözlemiň ýa jümläniň üstünde turýar. Onsoň «jalka-da-jalka» girişiläýdigem bar. Dyzmajrak redaktorlar (olar soňky ýyllarda gelen ýaşlaryň arasynda kän) biri-birine, hatda özünden ýaşula-da: «Sen gaýra dur!» diýmekden gaýdanoklar. Ana, şonuň ýalyda kim gerek? Şady Hudaýguly gerek! Öňňe wagt oňa gyýarak garaýanlar-da, gyzza-gyzza gelende, sözlerini Şady Hudaýguly tassyklaýsa kem görenoklar. Çünki ol güwä geçip, arkaňy alyp bilse – boldugy. Şondan soň garşydaşyň kim bolanda-da, ökje ogurlamak bilendir, «gotduldan» bolar welin, ýöne eýýäm görseň, saly gowşandyr. Soňam ylalaşyga geler: «Şady aga, siziňki dogry". Menem indi paýhas edip görýän welin, siziňki hakykatyň gözünden urýar». Çekilibiýr yza şeýder-de ädimme-ädim ýaňky jedelkeş...

Şady aga-da myssaja ýylgyrar. Jedel çözdüm diýip, hiç kese artykmaç minnet edibem durmaz. Dagy näme, ol beýle jedelleri bu gün görmelimi, ömri şol jedelleriň içinde geçdi. Türkmeniň gepleýşine, sözleýşine ol belet. Ýazuw düzgünlerine-de.

Dyzmaç ýaşlaryň käbiri öz gepini gögertjek bolup: «Bizem çöregi agzymyzdan iýýäs. Şol söz hökman şeýle ýazylmaly, şeýle aýdylmaly – diýip, käte jedeli igimaja-da sapyp görýär. Olar ýalylaryň iň uly subutnamasam (elbetde, muny başga delili bolman, gyssanjyna tapýan bolmaklaram ahmal?): – Biziň obamyzda-ha, şol söz şeýle aýdylýar» – diýmek.

Gürrüň «Biziň obamyzda şeý diýilýär-e» baranda, Şady aga adatdan daşary bir enaýy ýylgyrar. Dil hakyndaky jedelde häli-şindi ýüz urulýan bu delile Şady Hudaýguly ”oba grammatikasy” diýip at bererdi. Şol gowşak delile geçen garşydaşynyň ýagyrnysyny ýere degirmek – onuň üçin aýratyn bir lezzet! Ol ony edil içip oturan çaýly käsesinden çykan boýçudan enaýy edenok, çeýnäp, gapdala oklap goýberýär. Aňsat aw eline ilende, onuň sesi-de has ýumşak:

– Şeýledir ogul... Siziň obaňyz Çöňür diýdiň dälmi? Dogry... Çöňür bolýan bolsa, tekäniň togtamyşydyr, togtamyşyňam goňurydyr, goňuryňam agydyr. Gara bolmanyna şükür… Ýogsa, jedelde eýgertmezdiň... – Şady aga bu gürrüňleri hälki bir degişme hökmünde getirýär, jedele giriş diýen ýaly. Onuň bu degişmelerine kärdeşleri belet, şonuň üçinem gaty

görjek ýok. – Ak goňurdan bolsaň, ogul sizde, ol söz şeýle aýdylýandyr. Emma, ynha, alyp göreli, togtamyşyň üç tiresinde ol söz beýleräk aýdylýandyr. Siziň etraplaryňyzdan bärik çyksaň, tekäniň utamyşynda...

Soň ol “dili ýasy” türkmeniň galan aglaba tiresinde bu sözüň neneňsi üýtgeýändigini ýaltanman-ýadaman, sanap berer. Hany, onsoň onuň bilen jedel edip bilseň et-dä, göreýin!

Arada tizara kitap bolup çykmaly golýazmadaky bir sözüň üstünde neşirýatda «gowga» turanda-da, şeýle boldy. Täze gelen redaktorlaryň biri Aşyrgeldi awtoryň tekstindäki ”üçek” sözüni tanamanmy ýa halaman, golýazmada ony başdan-aýak «tam üsti» diýip, düzedip çykypdyr. Ana, onsoň turandyr bir gopgun, heý, ýöne hoşuňa gelsin! Bagyndan boşanan göle ýaly, bir redaktor ullakan edara telim gün iş boldy. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, Şady aga-da şol wagt kesel ýatyrdy. Gopgun tä şol gelýänçe ýatmady. Sebäbi Aşyrgeldiniňem aýdýanynyň jany bar: «üçek» sözi sözlüklerde şiwe dili hökmünde getirilýär, Magtymgulyda-da, beýleki klassyklaryň dilinde-de duşanok. Diýmek, awtor ony diňe eseriň gahrymanlarynyň dilinde ulanyp biler, öz adyndan däl.

Ana, onsoň jedel edil süsek geçi ýaly diwara şahyny diredi duruberdi! Çözübilseň, çöz-dä göreýin! Aşyrgeldi ýaş oglan, şonuň üçinem öz eňegine tutýar, elinde-de dürs ýazuwdan grammatika kitaby… Netijede Şady Hudaýgula garaşmakdan başga çäre galmady. Ol işe çykdy welin, hemme zat düşnükli boldy duruberdi. Jedeliň haýsy sözüň üstündedigini eşidensoň, goja redaktor adatdakylary ýaly ýylgyrdy. Ýarawsyzlykdan oňly açylmandygy üçin ysgynsyz diýmeseň, bu onuň şol öňki ýylgyrmasydy. Tegelek etlek ýüzüniň ýellenip, alkymynyň aňyrsyndan ikinji alkymyň gasynlap görünmegi-de, belki, şondandyr. Ol söze başlanda, adatdakysy ýaly, mylaýym äheňden tutdy:

– Onyň, dogrudyr, ogul... Aşyrgeldi diýdiňmi adyňa?

Gapdalyndakylar häzir «küli göge sowruljak gögeläniň» üstünden gülmäge taýynlanyp, şabaz etdiler:

– Hawa, ed-dil özi, Şady aga, Aşyrgeldi-dä şü! Aşyrgeldi diý-de goýaý ýöne...

– Aşyrgeldi bolsaň, ogul, seniň diýýäniň gatyja dogry: «üçek» – «tam üsti», oňa il arasynda ”kryşa-da” diýýändirler. Ýöne olaryň birinjis-ä iki sözden ybarat, ikinjisem – alynma söz. Ýöne oňa derek, ”üçek” sözi, şiwe-de bolsa, türkmeniň özüniňki. Aňladýan manylaram deň. Gyltyzrak tapawut bolaýanda-da, aýby ýok, ulanyberseň, uzagyndan barmaly ýerine barar. Onsoň, haýsyny özüňe mährem görseň, alybergin. Eden işiň halanmasa, erte il senden jogap sorar, özge birinden däl. Sebäbi kitap seňki.

– Meňki däl – diýip, Aşyrgeldi garşylyk görkezdi.

– Seňkidir. Gidere ýeriň bolmaz: kitap redaktoryňkydyr. Ol ile ýaýranda, adamlar: «pylany redaktirläpdir» diýmäge ýaltanyp, gös-göni «Aşyrgeldiniňki» diýerler. Men professionallaň arasynda boljak gürrüňi aýdýan… Galamasynam nä, özüň gör.

– Onda bu grammatika kitaplaryny nätmeli, Şady aga? – diýip, ýagyrnysy ýere golaýlan ýaş redaktor ”il” soraýan äheňde dillendi.

– Berk saklamaly! – diýip, Şady Hudaýguly süýem barmagyny ýokaryk göterdi. – Olary ýazanlara belet, gowy daýhan adamlardy, ýatan ýerleri ýagty bolsun bendeleň…

Şondan soň, neşirýaty telim gün gulgula salan ugursyz jedeliň gutarandygyny mälim edip, Şady Hudaýguly bir kabinetde bile işleýän ýaş kärdeşi Allagula ýumuş buýurdy:

– Hany, ýarym atdaş, bir çaý goý onda! Bu dawalaň hemmesinden türkmeniň bir käse gök çaýy ýegdir! Düşse, diňe şondan aňryňa bir zat düşer, galany bir aşyk...

Öň beýle däldi, ýöne indi, garradygyça, Şady Hudaýgulynyň gün-günden ätiýaçlylygy artýar. Ýaşaýyş onuň ynjalygyny alýar. Ol edil iki dünýäň arasynda gezip ýören ýaly: göwresi häzirki döwürde, şu görünýän adamlaryň arasynda, göwni welin – geçmişde: ol iki jahan owarrasy. Howp gören pyşdylyň boýnuny içine çekip, göwresini iki daş çanagyň arasynda bukuşy dek, ol gitdigiçe ýygrylýar, ne il bilen, ne töwerek bilen işi bar.

Kakajan Bagynyň soňky kitabyny redaktirlemäge başlaly bäri Şady Hudaýgulynyň öňküje mydaram ýitdi. Şondan soň ol hasam gaýgy-alada ulaşdy, aram-aram oturyp, ýarym sagat, bir sagat böwrüni diňleýär. Öz redaktirleýän ýabygorluja kitaplaryndaky gahrymanlaryň häli-şindi edişi dek – "gözlerini bir nokada dikip", uzak wagtlap sarsman oturýar. Käte bir «hüm-m» edäýmese, dodaklaryny çömmeldäýmese, özge ses-seda, hereket ýok. Şeýle pursatda ol edil uzak ýyllaryň aňrysynda galan adamlar bilen gürleşýän, kimdir birine jort atýan ýaly...

Munuň sebäbi, megerem, onuň elindäki kitapda bolsa gerek... Kakajan Bagynyň kitabynda ol henize çenli duşmadyk gahrymanyna duşdy. Öz redaktirlän ýüzlerçe kitaplarynyň arasynda ol entek beýle edebi obraza gabat gelmändi. Birhili düşnüksiz gahryman... Hyýaly diýseň – hyýaly däl, durmuşy diýseň... «Hüm-m...» Şady Hudaýguly ynjalyksyz gobsundy-da, gözüni bir "nämälim nokatdan" aýryp, başga bir "nämälim nokada" dikdi. – Umuman, geň gahryman... Kakajan Bagy ol zatlary ýetik bilerden-ä ýaşrak bolmaly. Onda nireden ol beýle gahrymany tapyp ýörkä? Öz-ä çeper tutupdyr, köpeý ogly! Timisgenip, birinden dagy eşidäýdimikä?..

Bu pikir Şady Hudaýgula işde-de, öýde-de ynjalyk bermedi. Häzirem ol öýüne gidip barşyna, ýene bir gezek Kakajan Bagynyň hekaýasynyň özenini ýatlady. Hekaýanyň gahrymany Oňşuk Şady – içiňi ýakaýyn diýen ýaly, gahrymanyň ady-da onuňka golaý gelipdir – diňe şonuň üçinem kitaby okanlaryň arasynda oňa barmak çommaltjaklaryň tapylmagy ahmal. Şowsuz at… Ol edil kimdir biriniň öz içki pikirini kagyza geçiräýmeginden howatyr edýän dek, töweregine garanjaklady. Hudaýa şükür, golaý-goltumda adam ýok... Ol çalaja ejizläp, öz ömründen zeýrenjek boldy: wah, eger başda galplyk etmedik bolsa, onda soňra galan ömrüni, beýdip, öz kölegesinden gorkup, ätiýaçly ýaşamaly, agaç tabyt ýaly dar galyba-da girmeli bolmazdy! Arman, "soňky tüýkülik – sakgal ezmez" diýleni-dä…

***

Soňky döwürde Şady Hudaýgulynyň daş-töweregindäki durmuş gazan ýaly gaýnaýar. Häli-şindi "ene diliň erkinligi", "adam mertebesi", "söz azatlygy" diýen ýaly öň kän eşidilmedik, ençeme onýyllyklardan bäri sözlükleriň gatynda ulanylman ýatan aňlatmalar ýygy-ýygydan gaýtalanýar. Şady Hudaýguly muňa begenjeginem bilenok, gynanjagynam. Çünki onuň öz mertebsi atam döwründe dar galyba salnan, soňky güne çenli-de şol galypda galmasa ýagşy. Onuňam ile meňzäsi gelmän duranok, ýöne bu oňa başardarmyka? Işden soň ýol bilen ýöräp barşyna ol ýene-de geçmişni ýatlady.

Onuň günäsi, indi seredip otursaň, agyr günä-de däl eken, ýöne döwür gazaplydy-da… Bar edeni – az-kem pul ogurlady. Emma hany indi ol ogurlanan pullar? Pul diýmek – kül diýmek. Sowuldy gitdi, ýöne ol aýagyny gyşyk basany zerarly gapana düşdi, öz erkinden ömürlik aýryldy. Dogrusy, ol erkinlikde gezip ýören tussag… Galp gazanjyň diňe biabraýçylygy galdy, ondan agzy ýagjaran ýeri ýok. Ogurlyk pula uzak ýaýnap gezen barmy? Pula gyzyp, az wagt daşynda pyrlanan satlyk zenanlar bolaýmasa, başga hezillik görmedi. Geldi-geçer bagt… Şol gelinleriň arasynda dünýä malyna degýänleri-de bardy, ýöne olaryň hiç biri-de onuň bagtyna öwrülmedi. Bäş günlük şagal mesligi...

Şady Hudaýguly assyrynlyk bilen töweregine göz aýlady, ýöne onuň çöňňelişen göreçleri gapdalyndan ötüp barýan gyz-gelinde eglenmedi... – Ýok, bular ol gelinleriň hilinden däl, olar üçin kelläňi etegiňe salanyňa degýärdi, duýgy-düşünjeleri düýbünden başgady. Ol gelinler indi ýok. Elinden tutanyňda, gamyş ýaly galdyraşar durardylar... Uzak geçmişi ýadyna düşende, ýakymly duýgudan az-kem başy aýlanan gojanyň endamy kän wagtdan bäri, belki-de, ilki gezek ýakymly dyglady. Ol, gözlerini süzüp, garşysyndan gelýän tyrryk köýnekli zenana äýneginiň üstaşyry garady. Göwni suw içmedi: ýok, bular olarça kän

ýok, hemmesi meňzeş, hamana, ýol boýy şol bir aýal duşup barýan ýaly. Gümüne gitsinler-le, bulardan adamyň agzy ýagjarasy ýok.

Şady Hudaýguly ýolugra dükana sowlup, toruna iki buhanka çörek atdy-da, ýene ýoluny dowam etdi. Esasy köçeden sowlup, ýokaryk, baýyrlyga garşy gidýän darajyk köçä düşensoň, töweregine imisalalyk aralaşyp, ol ýene-de ýatlamalar kölüne girdi….

Hawa, ana, onsoň şol günleriň birinde, göräýmäge, imisala dünýä birdenkä çat açdy – ony duýdansyz gapjadylar... Ogurlykda tutdular. Ownuk galplykda. Onuň soňky ykbaly şol günden başlandy. Ol wagt onuň işi dil bilen däl-de, pul bilendi: ol neşirýatyň hasapçysydy. Eden ogurlygy, häzirkiler bilen deňeseň – oglan oýunjagydy-la, ýöne oňa gazaply daradylar. Olam, aýdylyşy ýaly iki eplendi, döwüldi… Eden etmişi: işgärleriň biri bilen dilleşip, şonuň adyna birnäçe gezek artyk pul ýazdy, ol pula-da bile keýp çekdiler... Ogurlyk bolaýşyňy! Häzir diňe ýolbaşçylaryň edýänini görmediksiräp gezeni üçinem oňa her aýda şonça pul eçilýärler! Gerek ýerinde «hak» sözüni diýip berse – boldugy, indi oňa ogurlyk etmegiňem geregi ýok! Galamhaky diýdi, baýrak diýdi – nä başlyklar ýalkaýyn diýse, ugry gytmy? Umuman, diliňi saklap, göze-başa düşmän gezseň, hor etjek gümanlary ýok, edara diýlen zadyň düşewündi gytmy nä? Birçak «baýry işgärem» bolup gidipdir, indi ol gazanjyň yzynda däl, tersine, gazanç onuň yzynda: mydama gazanç ony gözläp tapýar.

Ýöne ol wagtlar beýle däldi. Galplygyň üsti açylan badyna ony sykajaga saldylar. Şol wagtky başlygy Jyryýew derrew edaranyň partkomy Sapaýew bilen bileleşip, raýkomdan adam çagyrdylar. Şadynyň zähresi ýarylyp, ol, aýdyşlary ýaly: poh iýen puşmana geldi. Emma, näme-de bolsa, raýkomdan gelen wekil ”ýoldaş Petrow”... – ady näme-dä şoň: ady ýadynda ýok… – Ana, şol ýoldaş Petrow bolmadyk bolsa, Şady tüýs «men» diýen ýaşynda, aýagyny sallap, Sibire gidibermelidi. Jyryýew bilen Sapaýewe galsa-ha şeýtjekdiler (Şady Hudaýguly olary öçmejek ýigrenç bilen ýatlady). Ýöne ýoldaş Petrow onuň arkasynda gara dag ýaly boldy-da duruberdi.

Dogry ýoldaş Petrowyňam ilki oňa erbet gahary geldi, ýumrugyny düwüp, baý, stoly ýumruklandyr-a! Syýasata garyp, saýlama sögünçlerdenem ýüküni ýetirdi:

– Bütin dünýäniň proletarlary öz azatlygy üçin halkara imperializmi bilen barlyşyksyz göreş alyp barýarka, ine, şu Şady Hudaýguly ýaly mör-möjejikler (ol hut şeýle diýdi: «bukaşki») onuň arkasyndan pyçak urýarlar! Siz nädip beýle-bela pese düşüp bildiňiz, haramzadalar! Jogap ber, men sizden soraýaryn, ganjyk ogullary! Haçan siziň soňuňyza çykarys?! Haçan biz sizden dynarys? Haçan siz proletariatyň ýakasyny goýberjek?!

Jogap nire, zat nire? Şady Hudaýguly ol wagt jogaba ýarajakmy? Edil ýöne suwa gaçan syçan ýaly müzzerilip dursa nädersiň! Onuň janynyň bokurdagyna gelendigini görüp, ýoldaş Petrowam birneme köşeşdi. Agyzlary bilen siňek gapjak ýaly bolşup, aňkarylyşyp oturan Jyryýewdir Sapaýewe görkezme berdi:

– Ertiriň özünde ýygnak çagyryň-da, bütin kollektiwiň öňünde it masgarasy ediň! Goý, eden galplygy üçin bular, kelle ýalanaçlap, halkyň öňünde jogap bersinler! Bular ýaly haramzadalara geçirimlilik etmek bolmaz. Eli bilen edenlerini – eginleri bilen çeksinler. Bular ýalylaň asyl jaýy – Sibirdir! Goý, beýlekilere-de sapak bosun.

Düýnki türkmen daýhanlary Jyryýew bilen Sapaýew ýetişdiklerinden baş atyp, ýoldaş Petrowyň öňünde ýüzlenme belgisine döndüler:

– Bu deýýusy it masgarasy ederis! Adamlary şu wagt ýygnasak näder?

Ýoldaş Petrow garalyp ýatan aýna garap, maňlaýynyň derini syldy:

– Gijäň ýarynda sümsünişip ýörmäň, Sowet hökümeti türkmen topragyna hemişelik geldi, nämä gyssanýaňyz, ertir masgaralasaňyzam bolar. Soňam işlerini suda geçirersiňiz!

Düwnüň gutarnykly çigşip barýandygyny gören Şady Hudaýguly möňňürip goýberdi:

– Jan doganlar, beýtmäň, iki sany göz monjugy ýaly çagam bar! Ejeleriniň ýene aýagy agyr. Meni Sibire iberseňiz, olar itiň art aýagyndan suw içmeli bolarlar.

Ýoldaş Petrow çilim otlandy...

– Ogurlyk edeňde, çagaň barlygy ýadyňa düşmedimi, haýwan?!

– Wah, düşse, ömür etjekmi? Gözüm gapyldy! Adam ýalňyşjak bolsa, gözi gapylar eken. Ynha, indi hemmesine düşündim, siz hemmesini düşündirdiňiz. Poh iýdim, puşman etdim! Gaýdyp Şady Hudaýgulyny galplygyň gyrasynda görmersiňiz! Galplyk etjege-de etdirmen. Näme buýrsaňyz, diýeniňizi iki gaýtalatmaýyn, gaýtalatsam, it ogly boldugym!

Jyryýew içýakgyç güldi:

– Eýse, şu wagt nä sen öz ataň oglumy?!

Şady Hudaýguly aljyrap, şobada oňa garşy gitdi:

– Meň atam...

Ýagşy wagty ýoldaş Petrow ara düşüp, gürrüňi başga ugra sowdy, ýogsa Jyryýew «aýtmadymmy, ana...» diýip, ýaňy bat alyp, elini kelemenledip başlapdy. Ol derrew günäkäriň atasynyň kim bolandygyny açjakdy, ýöne ýetişmedi. Ýoldaş Petrowyň sözi gysga boldy, ol häzirem Şady Hudaýgulynyň ýadynda:

– Diýmek, seniň aklyňa aýlananyň çyn-da, şeýlemi?

– Çyn, wah... Onda-da nähili çyn, ömürlik! Indi gaýdyp...

– Halymsyrama – diýip, ýoldaş Petrow duýduryş berdi. – Men seň ýalylara belet. Siziň hiç biriňiz bilmän ogurlyk edeňzok, diňe bilmän tutulýaňyz... Ýňdarmany daşdan gözle! Ýöne häzir gürrüň başga zat hakda barýar... Biz seniň öz sözüňe näderejede wepalydygyňy synap görmekçi...

– Wah, barlaň, barlasaňyz armanym...

Ýoldaş Petrow onuň gepini şarpa ýoldy:

– Biz şaňa ynanaly... Ýöne sen hiç haçan özüňi edil häzirki gelen netijaňi üýtgederlik derejede akyllanandyryn öýdäýmegin! Şeýle ýalňyş netijä gelen günüň biz seni eneden doglanyňa öküner ýaly ederis. Bilip goý, şu seniň öz ömrüňde iň akylly günüňdir! Düşnüklimi?

– Düşnükli.

– Düşnükli bolsa, onda gulak goý! Şu günden beýläk sen biziň adamymyz bolarsyň. Sebäbi sen sowatly, düşünjeli ýigit... Seniň ýaly ýaşlar bize kän gerek...

Şady ilki öz gulaklaryna ynanmajak boldy, gürrüňiň hörpüniň üýtgeýänligini aňsa-da, sebäbine düşünmedi. Gürrüňdeşi dowam etdi:

– Töwerekde partiýanyň syýasatyna düşünmeýän näçe diýseň tapylýar, timisgenip ýören duşman kän. Sen bir ýönekeý ogry, entek seniň gowy adam bolup ýetişjekdigiňe biziň ynamymyz bar – sen sosial taýdan biziň ideologiýamyza golaý gatlakdan. Ýöne kyýamat ahyr bolýança-da düzelmejek adamlar bar, biziň esasy garşydaşlarymyz şolar. Ol materialdan sowet adamsyny ýasaýjak bolsaň, näbileýin-dä... Gaýta özüňi sandan çykaraýmasalar... Olardan dynmasaň, başga alaç ýok. Daýhanlar-da – iki arada duran gatlak, olardan milletçi ýetişmesi aňsat… Gepiň gysgasy, sen bize adamlary, esasanam türkmen daýhanlaryny dogry ýola ugrukdyrmaga kömek edersiň. Biz saňa ynanmakçy, ýöne ägä bolgun, ynamy ödemeseň, Sibir mydama öňki ýerindedir, onuň howasynyňam ýylajak gümany ýokdur – o taýda mydama aňzak!

Jany bokurdagyndan azajyk aňyrrak süýşen ýaş ýigit gyssanmaç samyrdady:

– Näme diýseňiz, men taýyn, ”ýogum” bolmaz.

Ýoldaş Petrow ýigrenç bilen syrtardy:

– Ýaşaýyşdan ireňde, “ýok” diýgin-de göräýgin... Täsirini tiz duýarsyň...

Şady Hudaýguly guraksy ýuwudyndy. Beriljek görkezmeleri diňlemäge taýynlandy. Ýoldaş Petrow birneme nägilelik aralaşan Jyryýew bilen Sapaýewe şeýle diýdi:

– Bu adamy öz aktiwimize alýarys. Ilki ýalňyşyp, soňra öz ýalňyşyna düşünen, toba eden adamlar biz üçin gymmatly. Adaty adamlardan has gymmatly. Sebäbi olaryň hyzmaty başgaça bolýar. Olar eýýäm bir gezek şarpyk dadan... – Ýoldaş Petrow çiliminiň soňuny yhlas bilen sorup, ony küldana basyp mynjyratdy-da, gürrüňdeşleriniň ýüzüne dostlukly ýylgyrdy. – Bilemok, siziň eşideniňizi-eşitmäniňizi, ýöne erkekleriň arasynda şeýle gürrüň bar: azgyn heleýe öýlenseň, ol beýlekiden wepaly bolarmyş. Çünki öň ärsizlikden kösenip, elden-ele geçip ýören heleýiň gaýdyp ärsiz galasy gelmezmiş...

Jyryýew bilen Sapaýew it ýylgyrşyny etdiler. Olaryň bu söz diňe Şady Hudaýgula degişli diýip düşünendikleri şübhesizdi. Sapaýew onuň ýüzüne: «nädäýdiňkäň!» diýen äheňde gyjalatly seretdi. Ýer ýarylmady, Şady Hudaýgulam oňa girmedi, bialaç hyrçyny dişledi. Ýöne ýoldaş Petrowyň indiki sözi, tersine, Sapaýew bilen Jyryýewi serpmeden gaýdana dönderdi. Ol ogurlykda tutulanyň gös-göni ýüzüne dikanlap:

– Şady Hudaýgulyýewi partiýa hataryna götermegi teklip edýärin! – diýdi. – Eglenmän, munuň ähli gerek dokumentlerini taýynlaň!

Jyryýew:

– Ýoldaş Petrow, ol bolmaz-a... – diýip, jyňňyldajak boldy welin, oňa uzak geplemäge maý bolmady.

Ýoldaş Petrowyň sesi kesgitli çykdy:

– Geňeşi, soralsa, berersiň, bu – görkezme! Partiýanyň buýrugy!

Bu buýrugyň äheňi şeýle bir kesgitlidi welin, ol-a garşylyk eken, Sapaýew bilen Jyryýew şondan soň hatda dillerinem ýaryp bilmediler. Müzzeräýdiler. Partiýanyň raýon komitetiniň gudratly wekili olaryň göwnüni göterýän äheňde öýlerine gaýtmaga rugsat berdi:

– Indi nä bu taýda aňkaryşyp otyrsyňyz? Düşünen bolsaňyz, baryň öýňüze gidiň, heleýiňiz garaşýandyr, ärim işden geler diýip!

Jyryýew bilen Sapaýew syrtlaryna sapan degen ýaly, bu taýdan gyssanmaç çykyp gitdiler. Olary ugradansoň, ýoldaş Petrow täzeden çilim otlandy, arkaýyn hem saldamly gürledi:

– Şu günden beýläk sen ýaňkylary ”bakmaly” bolarsyň, sebäbi sen şäherli, olar bolsa daýhan adamlar. Syýasy düşünjeleri ýabygorly, giden-gitdi ynansaň, ýüňsakgal edtjek ýerleri az däl. Synpy duşmanlara gezek gelende, bolşewiklerçe barlyşyksyz bol, ýöne bizden maslahatsyz iş etme. Partiýanyň görkezen ýolundan ýöreseň, ýalňyşmarsyň...

Gapdalyndan zompa çykan maşyn bar güýji bilen «düýdüldäp» signal berende, Şady Hudaýguly ýoluň beýlesine ýalňyş ýerden geçjek bolup duranlygyny saýgardy. Duýdansyzlykdan ýaňa ýüregi ersdi. Gözi owadan gara äýnekli ýaş süruji ýigit ýeňil maşyndan ýarpy göwresini çykaryp, oňa heňkirdi:

– Ýaşuly, aňkarma! Gözüňe gözle!

Diňe sürüjiniň gara äýneginden gözüni sowansoň, Şady Hudaýguly bu wagt töwereginiň gijelik däldigini görüp galdy. Ýöne şol gezek welin, ol gije ýarymdan agýança ýoldaş Petrowyň öňünde betlik eden çaga dek müzzerilip oturmaly bolupdy. Ahyrynda-da ol kabinetden başga adam bolup çykdy... Şondan soň ol özüniň kimdigini bilip bilmedi, dogrusy, häzirem bilip baranok. Ol muny edil şu wagt biläýsem diýýän görnüşde töweregine göz aýlady... Öz köçelerine sowulmaly ýerden ep-esli geçäýen bolsa nätjek... Bialaç yzyna dolandy. “Hawa-da, indi aňkamyzam aşyp ýören borly. – Ol içini gepletdi. – Ömür yzda galdy... Pensiýa çykalym bärem-ä birnäçe ýyl geçipdir. – Ol guş dek ürküp, zym-zyýat bolup baryan ýatlamalaryndan iň soňkusyny – ýoldaş Petrowyň azgyn heleýler hakda aýdanyny çuňňur nägilelik bilen ýatlady. Şol sözleri ol häzir, şunça ýyldan soňam ýüreginden çykaryp bilmänligini duýdy. Ýogsa, ýoldaş Petrow soňra öz gepini ýuwmarlanam boldy welin...

Şol gijeki ýygnakdan soň, diňe bir aman galmak däl, Şady Hudaýgulynyň ýagdaýy öňküsinden has gowulaşdy. Ýoldaş Petrow arkasynda duransoň, ony tiz wagtda, götergiläp ugradylar: ol göýä ogurlyk däl-de, gahrymançylyk edene döndi! Köpçülik oňa

gözigidijilik bilen garady. Jyryýew bilen Sapaýew ony öňküleri ýaly ýigrenseler-de, şondan soň adyny tutup bilmediler. Ýigrençlerini ýürekleriniň çuňunda gömüp, garaklary akan ýaly partiýa aldylar, ýoldaş hökmünde ykrar etdiler. Tiz wagtdanam bu iki daýhan ”halk duşmanlary” bolup çykdylar we olaryň gözleri Sibirden açyldy. Syýasy kitapda goýberen harp ýalňyşlary olaryň barypýatan milletçilerdigini, Türkmenistany SSSR-den bölüp, özbaşdak burjuaz döwlete öwürjek bolýan howply gurama döredendiklerini subut etmäge mümkinçilk berdi. Şondan soň olary bu jelegaýda gören ýok. Halk duşmanlaryny paş etmekde berk durmuş ornuny eýeläni üçin neşirýatyň direktorlygy Şady Hudaýgula ynanyldy. Uzak eglenmänem, ol özüniň ýolbaşçy wezipesine öwrenişdi gitdi...

Şady Hudaýguly şondan soň wezipe basgançaklarynyň has ýokarlaryna-da dyrmaşyp gördi. Iň soňunda-da, döwür üýtgäp, ýene neşirýata gaýdyp geldi. Ol neşirýatyň işine belet, ozaldan tejribesi ýetik. Öz arkasyndan edilýän ”hasapçydan dilçi bolmaz” diýlen gybaty eşidende, ol ”pul bilen dil biler” diýip, gysga jogap berdi. Onsoňam kommunistiň başarmajak işi bolmaz, partiýa buýruk berdimi – gutardy.

Dogry, ýaşula ahyr ýaşynda neşirýatda uly wezipe ýetdirmedi, oňa ynanylany – ýönekeý redaktorlyk. Ýöne gep wezipede däl, gep – ol wezipäni ulanyp bilmekde! Şady Hudaýguly iň ýönekeý wezipe bilen hem tiz wagtdan edaradaky iň görnükli adamlaryň birine öwrülmegi başardy: başlyklar onsuz ýygnak geçirenoklar, ýygnaklarda onuň orny hernä iliň öňünde, prezidiumda. Islendik ýygnakda, möhüm karar kabul ediljek bolsa, ol öz ”hak sözüni” diýmeli, şonsuz bolanok. Edarada bu indi däbe öwrülip gidipdir. Muňa däp derejesindäki hormat diýseňem, hormat derejesindäki däp diýseňem boljak.

Indi onuň durmuş orny çylşyrymly däl, soňky ýyllarda has-da ýönekeýleşdi, diýýän sözleri-de sada: «Ýolbaşçy diýdimi – gutardy. Hiç kim ýönekinden ýolbaşçy bellenmez. Partiýanyň, hökümetiň syýasatyndan gyl ýaly-da gyşarmak bolmaz!” – wessalam, jüt tamam! Emma bu sada sözler, berk durmuş orny, ony indi, ynha, ýarym asyr bäri ekläp gelýär, aç-hor edenok. Elbetde, bu çäkli galyba girmek oňa-da ilki aňsat düşmedi, ýöne haçanda girensoň, ol galyba öwrenişdi. Sebäbi galyp ony daşarky dünýäniň ähli tötänliklerinden, ýakymsyz duýdansyzlyklardan, ýel-ýagmyrdan goraýar. Gepiň keltesi, dar hem bolsa, galyp oňa ertirki gününe ynam hem adam şekilli ýaşamaga mümkinçilk berýär.

Şady Hudaýguly ýaly tejribeli, diý diýlen hak sözi diýmeli ýerinde çekinmän diýip bilýän köne adamlar her edarada bar, olar hökman bolaýmaly. Olarsyz hiç bir edaranyň işi kadaly aýlanmaz. Diňe bir edara däl, olarsyz hatda gojaman Ýer togalagynyň endigan aýlanyp biljegini göz öňüne getirmegem geň bolar. Şady Hudaýgulular ile ýaşululyk etmeseler, durmuşyň haýsy ugra gönükjegi näbelli. Köpi gören akylly, tejribeli adamlary äsgermän, olardan öňe geçip, aljak galaň barmy? Üýtgedip gursaňam, üýtgetmän gursaňam – bu mydama şeýle bolaýmaly! Ýöne ýygnakda çykyş edip, gopgun turzaryn, jedelkeş adyny alaryn diýseň – aýry mesele... Bu diňe oňşuksyzlygyň, öz çakyňy bilmezligiň alamaty. Hemmesi dogry… Ýöne onda-da bu gezek durmuş gatyja üýtgäp barýan-a däldir-dä? Hemme zadyň düýbi dörülýär. Kakajan Bagy öz hekaýasynda ýazan wakalaryny nireden bilip ýörkä? «Tabyda giren adam» hekaýasy edil ýöne Şady Hudaýgulynyň terjimehaly ýaly-la... Bir tapawudy hekaýanyň gahrymanyny organa işe alýarlar, ony bolsa partiýa aldylar. Belki, awtor edil şol fakty bilgeşli üýtgedendir, bulaşdyrandyr?

Öz howlusyna gelip, gapynyň kildini içinden ildirip durşuna ol: şol hekaýasynyň özenini nireden alanyny Kakajan Bagydan osmakladyp sorap görmeli diýip, ýüregine düwdi. Her halda bir zat hak, görüp otursaň, şol gezek Şady Hudaýgulynyň öz-özi gapakly tabyda giripdir, onsoň ýoldaş Petrowa diňe tabydyň gapagyny çüýläýmek galypdyr.

***

Şondan soň ol geljekki kitabyň awtory bilen ýakyndan işleşmäge başlady. Olar neşirýatda, Şady Hudaýgulynyň kabinetinde ýüzbe-ýüz oturdylar. Golýazma hakda uzak gürrüň edilip,

özüni gyzyklandyrýan hekaýa gezek gelende, redaktor äheňine görnetin ýadawlyk çaýyp, äwmezek seslendi:

– Galan hekaýalaň bolmanam duranok, ýöne «Tabyda giren adam» hekaýaňy ýa-ha aýyrmaly, ýogsa-da täzeden gözden geçirmeli. Häzirki durşy bolanok, ynandyryjy däl.

– Nämüçin? – diýip, Kakajan Bagy entek o diýen howsala düşübermän sorady.

Redaktoryň tegelekden etlek ýüzi bilen awtoryň pyçagyň arkasy ýaly inçemikden ýiti ýüzi garşylaşdy.

– Üçini ýok – diýip, goja redaktor, az-kem daşdan aýlady. Äýnegini aýryp, ony çaýly käsesiniň gapdalynda goýdy. – Ýasama gördüm... Birhili zoraýakdan hekaýa ediljek bolnupdyr, sep-sep bolup dur. Üçe dagynam bölüpsiň öýdýän özünem? – ol öňündäki kagyzlary şagyrdadyp, agdaryşdyrdy. Munuň üçin ol süýem barmagyny küti dodaklaryna degrip, her sahypany agdaranda tüýküliklemeli boldy. – Hawa, üç bölek. Şu bölekleri-de men-ä hekaýaň emeliliginden görýän.

– O nämüçin? – diýip, Kakajan Bagy gyýkmak gara gözlerini gyrpyldatman, janygyp sorady. – O nämüçin ýasama bolýarmyş? Hekaýany men, okyjylara düsnükli bolsun diýip, özüm bilgeşli üçe böldüm. Sebäbi hekaýaň gahrymanynyň ömri dos-dogry üç bölege bölünýär: ilki ýaşlyk döwri, ol wagt ol erkin adam. Ikinji bölekde – ol ogurlyk edip, ele düşýär we erkinligini ýitirýär. Zyndana girmejek bolubam, ”tabyda” girýär. Netijede bütin ömrüni ”tabytda” ýaşamaly bolýar. Haýp geçen ömür-dä! Hekaýaň soňky üçünji bölümi eýýäm biziň döwrümizde bolup geçýär: töwerek-daş, durmuş özgerýär, täzelenýär, emma biziň gahrymanymyz ne üýtgeýär, ne-de täzelenýär! Ol öz tabydyndan çykyp bilenok: gorkýar, çekinýär. Tabydyň daşyndaky dünýä oňa nätanyş bolup görünýär! Görşüňiz ýaly, hekaýaň üç bölünmegi eseriň öz tebigatyndan gelip çykýar.

– Ýagşy… – diýip, goja redaktor birneme gönümel sorag berdi: – bar, şeýle ekeni, ýöne tabyt däl-de, aýdaly, galyp eken diýeli... Ýöne esasy zat bu däl ahbetin! Dogryňdan gel, sen bu hekaýaň özenini birinden eşitdiňmi ýa özüňden tapaýdyňmy?

– Tapawudy näme? – diýip, ýazyjy geň galdy. – Awtoryň özünden oýlap tapanam durmuş hakykatyna gabat gelip biler-ä! Esasy zat: eser okyjylara gyzykly bolsa boldugydyr-da!

– Tapawudy kän, ogul. Hekaýa durmuşa galtaşmasa, ýasama bolar, okan ynanmaz. Bu hekaýaň hiç heňe gelenok, asmandan asylyp dur. Durmuşda beýle zat boljaga meňzänok. Biri ogurlyk edenmiş, soňam özüni halas etmek üçin, jezadan gaçyp, organlara adam satyp başlanmyş. Olaram ony işe alanmyşlar. Eýse, durmuşda şeýle zat bolup bilermi, sen özüň aýt?

Kakajan Bagy anyk bir zat diýmän, az-owlak böwür berdi:

– Durmuşdyr-da, Şady aga, bolmajak zat barmy? O bolmasa, ýene bir şoňa meňzeş waka bolandyr, ýogsa-da geljekde bolar...

Şady Hudaýguly ýüzüne gan urýanlygyny syzyp, äýnegini dakyndy...

– «Durmuşdyr-da» diýip, ýöne alagedin kelläňe gelen zady ýazybermeli däl, han ogul! Durmuşyňam göterjek ýüki bar, götermejek ýüki bar. Soňky döwürde kellesine gelenini ýazýan köpeldi, göwnüme bolmasa. Durmuş hakykatyndan aýak üzýän kän. Geljekde boljak zady ikimiz bilip bilmeris, ony diňe partiýa, hököwmet biler! Sen ýöne hakykatdanam şular ýaly wakaň bolandygyny eşiden bolsaň, onda başga gep... Kitap çykansoň, bardy-geldi tankytçylaň öňünde durmaly bolsak, gerek bolar. Öňünden gaçmaly herki zadyň. Ýoknasyz tankytçylar alarladyberse, anyk fakty öňlerine oklamasaň, sypyp bilmersiň. Ýüze tutunarlyk deliliň bolmasa welin, saňa-da, bize-de kyn bolar. Redaktor, golýazmaň aşagyna gol çekip, awtor bilen jogapkärçiligini deň paýlaşýar. Çap edilensoň, kitabyň mazmunyna neşirýat hem seniň bilen deň jogapkär. Elbetde, bu zatlaň siz üçin tabyt bolup görünmegem ahmal, ýöne bizden hasabat soralýar.. – Şady Hudaýguly azajyk öte geçenini aňyp, garşysyndakyň ýüzüne ýaşyryn howsala bilen garady, äheňini ýumşatdy: – Çeper eser durmuşa berk aýak diremeli.

Şonsuz ol biziň ruhy gymmatlyklarymyza dogry gabat gelmeýän, ideologiýa taýdan yrga esere öwrülýär. Biziň öz okyjylarymaza beýle hekaýany hödürlemäge hakymyz ýok.

– Men haýsy bir hekaýamy beýdip, elim faktly goraýyn. Tankytçylardyr-da, üýrerler goýarlar.

Şu sözüň üstünden eltensoň, Şady Hudaýguly kanagatlanmak bilen gaýtadan äýnegini aýryp, stoluň üstünde goýdy. Ynjyly, ýöne örän berk sözüni aýtdy:

– Ine-dä, siziň durmuşa düşünişiňiz! Tankytçy üýrýärmiş, redaktor ýaryarmyş, onsoň bu taýda diňe awtor perişde bolýar galyberýär. Onuň öz ömründe näçe setir çyrşap ýetişenininiňem asla parhy ýokmuş!

Kakajan Bagy goja redaktoryň öňünde müzzerýänini, ondan döwüniň basylýanlygyny duýdy, ýüregini uşajyk howsala gaplady. Göwnüne bolmasa, iki agyz ätiýaçsyz söz hekaýanyň işini gaýtardy. Ol göreşi utduran bolsa gerek? Redaktor häzir aýgytly hüjüme geçer... Kakajan Bagy şondan gorkusyna, öňürdip, öz iň soňky delilini getirdi:

– Iň bolmanda indi beýle zatlaň bolmazlygy üçiň ýazyp bolar-a eseri. Çeper eseriň esasy borjy geçmişi suratlandyrmak däl, adamlara geljekde abanýan gorkyny öňünden duýdurmak!

– Çeper eseriň borjuny, aýdaly, bizem sizçe bilýäs diýeli, ýöne durmuş hakykaty diýlen zat – hemmesiniň gözbaşydyr. Biz üçin şol baş ýörelge: waka, obraz tipikmi ýa dälmi? Şeýdäge-de, muny kitaba salsak, edil ýöne üstümiz ala tapyrdy bolaýar erte! Ýok, ahyr ýaşymda maňa beýle masgaraçylyk, beýle dawa gerek däl. Neşirýata-da. Öz göwnümize gelenini ýazýas goýberýäs, ol bary nirä degýä, onuň bilen işimiz ýok. Ony redaktora ýa neşirýata goýýas, jogap bermelem – biz. Ynha, alyp göreli: näçe adamlaň göwnüne degip biljek bujagaz ýasama hekaýaň? Sen bu eseriň bilen biziň ata-babalarymyzyň baş egen gymmatlyklaryna pitjiň atýaň! Olary äsgermeýänligiňi görkezýäň! Partiýaň içi, hamana, syr-süplükmiş!

– Partiýa hakda bu taýda bir agyzam söz ýog-a, organlar agzalýar, Şady aga!

Şady Hudaýguly düýbüne ýetik adam hökmünde mylakatly gülümsiredi.

– Aý, oglan, hemmesi bir zatdyr-da olaň. Meniň aýtjak bolýanym: ikisininiňem edýän işi, ugry birdir, olary nädip biri-birinden emeli ýol bilen aýyrjak: partiýa agzasy diýmek, organ işgäri diýmekdir. Haýsynyň işiniň ýeňildigini, hudaý bilsin! Sen bolsaň, olara ap-arkaýyn dil ýetirýäň. Ýaş bolýaňýz-da... Ýazýan zadyňyzyň niräni tozadýanyny bileňzok...

Kakajan Bagy tolgunmakdan ýaňa gyryljyran sesini endiredip, «gark bolup barýan» hekaýasyny halas etmek üçin iň soňky synanyşygy etdi:

– Şady aga, men hekaýany kimedir birine dil ýetirjek bolup ýazmadym. Adamlar haýsydyr bir durmuş ornuny eýelänlerinde, adatça, onuň çuňňur içki sebäpleri, motiwi bolýar. Men şony yzarlamaga hem hekaýanyň gahrymanynyň ömrüni kül eden ruhy betbagtçylygy açyp görkezmäge çalyşdym. Galyberse-de...

Şady Hudaýguly bu gezek çydamsyzlyk bilen onuň sözüni şarpa ýoldy:

– Nähili motiw yzarlaýan-da bolsaň, partiýa, döwlete sap ýürekden gulluk eden müňlerçe adamlaryň göwnüne gatyja degýänligiň kelläňe-de gelmändir. Şeý diý-de, gutar-da!

Kakajan Bagy göz-görtele hötjetlik etdi:

– Geldi kelläme. Ýöne şolaň içinde, eýse göwnüne degmelileri ýokmy?

– Bolmagy ahmal… Ýöne birki sany adam üçin partiýa, hökümete şyltak atmak – ýeňilkellelik.

– Men partiýa-da, hökümete-de şyltak atamok. Men anyk adam hakynda, Oňşuk Şady hakynda gürrüň edýän.

– Seniň munyň dokumental däl, çeper eser, şol sebäpdenem ugrubir umumy äheňe geçýär! Umumy!

– Bolanda nä? Ol nä, eýse, hekaýaň ýetmezçiligimi?

– Hekaýanyňky dälse däldir, ýöne awtoryň welin, ýetmezçiligi! Öz ýaşaýşymyza gara sürtjek bolmaly däl. Onsuzam şu günler töwerek-daşdan eşidýäniň kileň tankyt: hökümet edaralaryna, kompartiýa sürtäp bilen garalaryny sürtýärler. Partiýa dälmi bizi şu güne ýetiren? – Redaktor äýnegini derledip, ýerinden turdy, kabinetiň içinde gezmelemäge başlady: – Bilip goýuň, entek şu taýda Şady Hudaýguly otyrka, ol size we siz ýaly gögelelere biziň ideallarymyza jort atdyrmaz! Ondan ýaňa ýasy ýanyňyz ýerde bolsun. Biz öz ideallarymyzyň goragynda berk durarys! Bize öz sözümize, ömrümize ikilik etmek ýaraşmaz!

Kakajan Bagy depesniden inen agyr öwütleriň zarbyndan gaýnag suwa sokulyp çykarylan jüýjä döndi, kiçeldi... Iň soňunda-da hekaýasyny indi çykmaly kitabynyň içinden sogrup aldy-da, yzyna alyp gitdi. Ol muny bialaç şeýtdi.

Şady Hudaýguly bolsa öz borjuny ahyryna çenli ýerine ýetiren adam hökmünde, kabinetini edep bilen gulplady-da, iliň soňunda işden çykdy. Ýolda barýarka ol Kakajan Bagyny hekaýasyny yzyna almaga nähili mejbur edişini ýene-de bir gezek başdan-aýak ýatlady. Özünden hoşal boldy. Şady Hudaýguly onuň ýaly agzy sary jüýjelere entekler eýgertmez. Onsoň ol aýagyny ätiýaçly basyp barşyna böwrüne diň saldy: göwnüne bolmasa, soňky sowuklamadan bäri kükreginde galan agyry aýrylarly däldi. Gaýta barha ornaşýardy. Ýadawlykdanmyka? Içigara galmyş, soňky döwürde onuň ýüreginiň-de halys sary gaçypdyr, aram-aram säpjäp, ysgyn-mydaryny alýar. Ähli zady «jähennem» edip, öýde oturybermäge-de, onuň karary ýetenok. Özi «owarram» edäýende-de, başlyklar ony goýbermezler. Çünki Şady Hudaýguly ýaly işgär indi edarada köp däl, olar barmak basyp sanaýmaly. Şonuň üçinem gün-günden olaryň gymmaty artýar.

«Ýok, ýok! Başlyklar hiç haçanam ony meýletin goýbermezler. Ol tä ölýänçä öz borjuny ýerine ýetirmeli bolar. Jyryýew, Sapaýew, ýoldaş Petrow oňa başda nähak ýere müňkür boldular. Nähak. Ynha, ol bütin ömrüni abraý bilen ýaşady, özüne ynananylan işi başardy. Indiden eýlägem, diri gezip ýörse, ol öz borjuna wepaly bolup galar. Daş-töwerekde bolup geçýän özgerişler, täzelikler – onuň üçin däl. Ol bu özgerişlere düşünenogam, düşünmegem islänok. Goý, hemme zat öňki-öňküligine galsyn! Türkmeniň sözi – sözdür, wadasy – wada: söz berdimi – tä tohumy tükenýänçä gidişer, ýöne sözünde durar!»

Şady Hudaýgulynyň gulagyna niredendir alys bir ýerden: «...Ol päk ýürekden gulluk borjuny berjaý edýärkä...» diýen gaýgyly hem salykatly ýas sözleri eşidilip giden ýaly boldy. Şonda ol neşirýatdaky diwarlary solgun kabinetini, kabinetiň bir çetindäki iş stoluny ýatlady. Edil öwrenişikli eşigini geýen ýaly, jany rahat tapdy. Ertesi edarasyna barşyny, açaryny towlap, öz kabinetiniň gapysyny açyp durşuny, işdeşleriniň özüne ýöwsellik bilen hormatlap, şelaýyn salam berişlerini göz öňüne getirdi. Şady Hudaýgula gezek gelende, adamlarda nähili duýgy agdyklyk edýär – ony bilmek çetin. Ýöne bu ony artykmaç gyzyklandyrybam baranok, ony seljermäge o diýen höwesem, artykmaç wagtam ýok.

Iş otagynda oňa entek düzedilmedik tekstler, özgäniň ýalňyşlary, gaty açylmadyk golýazmalar garaşýar. Ol golýazmalaryň ykbaly, irde-giçde kitaba öwrüljegi-öwrülmejegi, elbetde, Şady Hudaýgula bagly. Endikli işi ýadyna düşende durmuş ýönekeýleşip, onuň öwrenişikli gyzygy artyp, gojanyň tenine çuňňur rahatlyk aralaşdy. Ol geçmişini ýatlap, özüni nähak gynamasyny goýdy-da, adaty güýmenjelerine gümra boldy: iş galamlarynyň ujuny ýondy, başam barmagyna degrip, olaryň ýitiligini barlaşdyrdy, kitap tekjesine göz gezdirip, ondaky kitaplaryň tozanyny kakyşdyrdy, arasyndan käbirini eline alyp, gatlaryny açyp, birki setir okap gördi, soňra-da kitaplaryň hersiniň öz ýerindedigini ýa-da däldigini barlaşdyrmaga durdy.

”*Edebiýat we Sungat”, 1991-nji ýyl 14-nji iýul.*